# Sen öýden çykmasañ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Sen öýden çykmasañ Gurbandurdy ORAZOW

✔ Sen öýden çykmasaň

Nätjek-dä, syryňy açmaly bolýar,
Ynan, şäher itleriniň beti kän.
Onsoň ýüzin salyp gaçmaly bolýar,
Ýüzne urup elementar etikaň.

Halys ýüregine düşdüm duralgaň,
Bu baglaň başyny mekir yraýan.
Şaýatdyr gyş dyza ýetip duran gar,
Tomus juda tukat mikroraýon.

Garagol çagalar kesekleýärler,
(Çagalar bagynyň ýanynda öýňüz).
Meni batyr etdi, çydamly etdi,
Gel-gel, şu ýaşymda sataşan söýgim.

Men çagalar bilen dostlaşyp gitdim,
Uýgunlaşyp gitdim it sesine-de.
Maňa agyr düşýär, şulara çydap,
Sen öýden çykmasaň üstesine-de. Goşgular